# Hany, ýer yranmalary nirde, şeýh Frank?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hany, ýer yranmalary nirde, şeýh Frank? HANY, ÝER YRANMALARY NIRDE, ŞEÝH FRANK?




Saud halk edebiýatynda aýdylyp gelinýän gülkünç henekleriñ biri bar.
Ýüz ýyldan mundan öñ Arabystan ýarymadasynyñ ortasyndaky Nejid obalarynyñ birinde metjidiñ ymamy jumga hutbasyny aýdyp durka obaly jemagat tarapyndan ýat tutulyp giden hutba dilegleriniñ birine gezek ýetende, aljyrap, aýtmaly sözleriñ birini ýatdan çykarypdyr.
Onuñ beýtmegine jemagat geñ galypdyr.
Metjit jemagatynyñ ýaşyndan garrysyna hemmeleriñ ýatdan bilýän dileginde şeýle diýilýän eken:
*«Eý Allahym, ýurdumyzdan we bütin musulman ýurtlaryndan*

*gymmatlaşygy, ýokanç keselleri, süýthorlugy, zynany, **ýer yranmalaryny**, kynçylyklary, açyk we gizlin ähli ýaramaz pitneleri dep et».*

Ymam ýer yranmasy sözüni näme sebäpdenem bolsa ýatdan çykarýar welin, jemagat biragyzdan gygyrypdyr:

*– Ýer yranmalary… ýer yranmalary, şeýhim!*

Emma ymam ýeke gezekde okap bolýan dilegi gaýtalap başyndan okamaga ýaltanypdyr we şeýle diýipdir:

*– Ýer yranmalary indiki jumgada bolar!*

Ýer yranmalary we geologiýa boýunça hünärmen, gollandiýaly alym Frank Hogerbetsiň soňky aýdanlaryny we düşündirişlerini okanymda şu henegi ýadyma saldym.

Geçen çarşenbe güni Hogerbets araplar hakda täze twit atdy.

Hogerbets «X» sosial ulgamyndaky resmi hasabynda medeniýetleriň arasyndaky ýakynlaşmalar barada şeýle diýdi:

*«Dürli medeniýetlerden bolan adamlaryň arasyndaky rasizmiň we duşmançylygyň artýandygyny görmek meni gynandyrýar, aýratynam Ýewropada. Soňky birnäçe ýylda medeniýetleriň arasyndaky baglanyşyklarym artdy. Iň ýakyn dostlarym hökmünde görýänlerimiň käbiri arap. Hemmämiziň bir planetada ýaşaýan adamlardygyny ýatdan çykarmalyň».*

Şeýle sözler bilen twitini jemlän Hogerbets öňräk Gaza sektoryndaky uruşy ýazgarmak üçin öz fondunyň hasabyndan twit aymagy goýbolsun edipdi.

Derwüşpisint sypaty bilen özboluşly görnüşe eýe bu adam «kritiki geometriýa» sebäpli jedelli gürrüňlere tema boldy.

Bu teoriýa laýyklykda ýer yranmalarynyň we ýer ýüzündäki çaýkanşyklaryň hereketleri planetalaryň hereketleri we sinodlary bilen baglanyşdyrylýar. (Şu ýerde öňki palçylyk medeniýetine ýakynlaşýarys!)

Astronomlar we geologlar bolsa Hogerbetsiň jedelli teoriýalaryny ylma ters hasaplap ret edýärler.

Planetalaryň hereketi, seteran düzülişi we simodlary bilen dünýädäki ýer yranma hereketiniň arasynda hiç hili baglanyşygyň ýokdugy öňe sürülýär. Galyberse-de, bu alymlaryň köpüsi şan-şöhrat gazanmak ýa-da sosial mediýada öz agzyna garatmak maksady bilen adamlaryň arasynda howsala ýaýýan hünärmensumaklara garşy hüşgär bolmagy tabşyrýar.

Ylmy çekişmeleri geologlaryň we ýer yranmasy boýunça hünärmenleriň ygtyýaryna goýýarys. Olar öz hünärleri boýunça etmeli işlerini ederler. Hogerbetsem bu boýunça öz

teoriýalaryny öñe sürer. Bizem bu çekişmeleri kesesinden synlarys.
Emma Hogerbetsiñ özi üçin möhüm ýer yranma temasyny taşlap, düşündirişleriniñ dogrudygyna ýa-da ýalñyşlygyna garamazdan jedelli temalarda düşündiriş berýän syýasy aktiwiste öwrülmegi ondan garaşylýan zat däl.
Hany, ýer yranmalary nirde, şeýh Frank Hogerbets?
Mişari ZEÝDI,
Saud Arabystanly žurnalist.

Şenbe, 11.05.2024 ý. Publisistika